# Iki goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Iki goşgy **ŞAHYRLYK SUNGATY**



*(Raýmon Kenodan)*
Şygra sözi esas edip alyň siz,
Soň gazana salyp, goýuň ojaga.
Gysym-penje parasadam atyň siz,
Ýönekeýligiň-de birki çemçesin,
Bir oýnam ýyldyz hem ajy burç bile,
Salyň siz gazana hyjuw-hyrş bile
Bitakat ýüregiň endiremesin.
Jagrama baryny gallap oda-da!
Bäş-üç ýola gaýnadyň hem gowuryň.

Indem ýazyp başlaň! Ýöne her hal siz
Ilki bilen şahyr bolup dogulyň.

## POEZIÝA

*(Leon Felipeden)*

Şygryňyzy bölüşdiriň sözlere,
Aýryp taşlaň owazlyja rifmany,
Ritmi hem-de ölçegi.
Pikirňizem zyňyp,
goşgyň sözlerin,
Jümlelerin
sowrup goýberiň ýele.
Eger bir zat galan bolsa şygyrdan,
Şoldur poeziýa.

Terjime eden Nobatguly REJEBOW. Goşgular